# Bendiwanlar / nowella

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Bendiwanlar / nowella BENDIWANLAR




Kim men?!…
…Men bir Derwüş – başymda külah.
Egnimde jinde.
Golumda hasa, goltukda kädi.
Awara ýelleň deminde,
Hak yşgynda galandar.
Dilimde sema, köňülde ahwal…
Men bir Derwüş – seleň sähra içre sergerdan,
Çölleň, ýollaň hemişelik hemsaýasy…
Men bir Derwüş – däli tüýün uçurmyş.
Derwüş – Yşk.
Durmuş – Göreş.
Şol Göreşiň tugy däl, tugrasy däl.
Gaýratym pes, galkana gylyç kakara!
Gurbatym ýok, Göreşimde Ataş bolup, öz-özümi ýakara!
Men bir Derwüş – mynasyp däl, tartmaga nagara…
Men bir Derwüş – “Hüw-Hak” zemzemeli göýende…
Ýollaň, ýelleň götereni,
gaýdyrany,

taýdyrany,
tändireni…
Men bir Derwüş – Durmuş meni gaçyrmyş…
Yşk meýinden dadyryp,
sepillik şerabyndan serhoş ede içirmiş…
Men bir Derwüş – tükenmez menzil gendesi…
… – başymda külah, egnimde gedaý jindesi…
…diýip, aýnadan özüne bärik bakýan sudur, çala dodagyny gymyldadyp, pyşyrdaýar.
…Ir bilen, heniz Gün dogmanka, şäheriň köçesi bilen endigan akyp barýan awtobusyň penjiresi bolsa, şu pursat hakykatdanam ýüz görülýän aýna çalym edýär. Çyralaň süýtreňk ýagtylygy bilen, edil uzak aýralykdan soň buljum ýerde tapyşmagy başaran oýnaşlar deýin, şeýlebir gyzgyn hyjuwly çolaşyp-çörňeşýän gije, birgeňsi, ertekili alagaraňkylygy döredipdir.
Emeli ýagtylyk bilen tebigy tümlügiň şol jadyly, özüneçekiji aýşy-eşretindenem gözüňi aýrar ýaly däl. Şoň täsiri bilen awtobus däl-de, daşardaky ymgyr dünýä, oň içinde oturan, duran ýolagçylaryň deňesinden ýuwaşjadan, mymyjak taýyp barýana çalym edýär.
Hamana, olaň barýan awtobus-a çar-töweregi aýnadan gaýykmyş.
Oýnaşlaň hyjuwly dalaşmagyna gabsalan, uzak gije agyr keýp çekip, daňa ýakyn ýatandygy sebäpli, oýanasy gelmän, oýaly-ukuly yňranjyraýan, meýlisbaz şäherem – daglarda gaýalar bilen garpyşa-garpyşa ýadap, ahyrsoňy tekiz hana çykandan soň köşeşen derýamyş.
Şo derýa-da täsinden-täsin sudurlardan doly.
Olaram alagaraňkylygyň özgerdip, ýüz görülýän aýna öwren penjiresine siňýärler-de, şondan bäriligine siňňitli seredip, dykgat bilen ýolagçylary synlaýar.
Ýolagçylaram şol penjire-aýnalarda birwagtyň özünde, hem-ä özleriniň, solgun, birneme bulaşygrak keşplerini görýärler, hemem şol enaýy sudurlary.
Her ýolagçyňam görýän sudury özüne görä. Käsinde bolsa iküç sanysam bar. Özem geň zady, ol sudurlar näçe köp bolsa-da gysynman, awtobusyň aýnalaryna sygýarlar.
Bu Derwüşi bolsa, onuň gabat-garşysynda duran, otuz ýaşaberen pyýada görýär. Egni ýukarak, garamtyl kurtkaly. Aýagynda jinsi, krossowka. Egnaşyr komp salynýan sebet asylgy. Ýüzi argyn. Ukudan heniz açylmandygy, ondanam ibaly ganyp bilmeýändigi, pökgerip duran gabaklaryndanam bildirýär.

Meger, olam, bularyň deňesinden islemezlik bilen akyp barýan, keýpbaz şäher deýin, öten agşam dünýäň keýpiniň ahmyryny ýeke gijede aljak bolup, indem ejir çekýändir…
Oň gözüniň alnynda, aýnaň içinde duran Derwüş bolsa, hakykatdanam başy diwana sopbaçly, egni şalha-şalha, ýirim-ýyrtyk jindeli. Golunda-da hümmet hasasy. Goltugyndanam betbagt kädi asylan. Ýüz-gözem ýollaryň kirşeni siňip, kokaşyp dur. Aýagy ýalaňaç. Garakir. Ýöne gözleri welin, gözem däl-de, olaryň ýerine dünýäde iň ussat zergär tarapyndan taraşlanan, göm-gök sapfir goýlan ýaly.
Hawa, hawa, onuň gözlerindäki bu – hut göbeginden täsin, gök lowurdy çogup çykýana çalymdaş, gymmatbaha daşa bolmalysy ýaly "ýakut" diýseň geilişjegem däl. Oňa diňe: "sapfir" diýmeli – diňe şo söz, şo lowurdyň ýanyp duran täsinligini, her niçigem bolsa, bolşuna golaýrak beýan edip biljek…
Ýolagçy ýigit bu Derwüşi görýänine tisginenok. Geňem galmaýar. Çünki daňdanyň ümüş-tamşynda, bu meýlisbaz, mydama şady-horram şäheriň oýny bilen gözüňe nämeler görünjek, nämeler görünmejek?!
Ol diňe Derwüşi ünsli synlaýar.
Hemem diňleýär.
"Men bir Derwüş – awaralyk meýinden,
gammar bolan göýende…".
Ýolagçyň uzak dymyp diňläp, synlap durmaga takaty ýetmedi. Geples-ä boljak däl. Töweregi özi ýaly ýolagçydan doly. Olaň içinde-de aýnadaky sudurlary, aýnaň aňyrsyndaky iki oýnaşyň wejera bolup dolaşyp-dalaşmasyny, öten gijeki keýpinden açylyp bilmän ,seri sämäp duran şäheriň, öz deňelerinden biperwaý ýüzüp barşyny…görýän bardyr, görmeýän bardyr.
Onsoň, bü özüniň çat maňlaýyndaky şahsy suduryna lak atsa, elbetde, görýänlär-ä dessine nämäň-nämädigini aňar.
Ýöne görmeýänler näder?
Belki, kemsinerler.
Anyk bilýär: Kemsinç – göripligi dogurýar. Göriplik – içigaralygy. Olam – Gahary. Gaharam – Zulumy. Zulumam – Adalatsyzlygy. Adalatsyzlyk – Dowzahy. Dowzah bolsa – Jeza. Jezadanam ýene-de kemsinmek emele gelýär…
Şoň üçinem…
Gerekgäl.
Ol diňe baş atdy-da, Derwüşe ümledi. "Neme" diýýän ýaly, ýagny: "Kim sen?" diýip sorag berýän terzde.

“Men bir Derwüş…” diýip, sudur, dodaklaryny bildirer-bildirmez gymyldadyp, şo ýaňkysy deý, ýüregiňi tüýdüp barýan sozgun heňine zemzemeläp başlamaga synandy.
Ýolagçy içinden: “Jukk!” etdi. Daşyndan başyny ýaýkady.
“Goýsan-a-hou! Nä, bu taýy saňa Ärtogrul-kinoň düşürilýän plaşjatgasym-aý?! Adam ýaly bolaýsana-hou, bro! Ýa nä, siz, sudurlara, diňe şoň ýaly: “dumana duwlanan, sarnamaly keplemeseňiz bogup öllüriljeksiňiz” diýip, ýokardan emr etdilermi?”.
Aýnaň içinde hasasyna söýenip duran Derwüş, goltugyndaky kädisini düzetdi-de, birneme ekezlendi. Ýellere gaýzygyp, jöwzalara garalan, arryk keşbiniň gasynlaryny çuňaltdy. Kinaýaly gülümsiredi-de, diňe oňa eşidilýän sesi bilen dillendi:
-Aýdywer!…Bro…
-Kim-aý sen, druk?
-Derwüş,-diýende, Derwüşiň äheňinde ýiti ýaňsy duýuldy. Hamana: “Gözüň gapykm-aý, gardaşym? Göreňokmy? Ýa, bütüki aýnaň aňyrsyndaky seň ýaly ýolagçylaň hemmesi şo derejede o kadarmy?” diýip, teýene oklaýana çalymdaş.
-Görýän,-diýip bärdäki, söhbetdeşiniň öz pikirlerini eşidýändigine düşünensoň, ümlejegem bolman, arkaýyn içinden oýlandy:-O derejede gutaran akmagam däldiris-le, elbetde. Ýöne, sen bumat o aýnada nämişläp ýö:ň-aý, halypa, hä?!
-Çagyrdyň. Geldim,-diýip Derwüş, kibtini gysdy.
-Haçan?-diýip ýolagçy, haýran galdy.
-Hemişe.
-Menmi?
-Sen.
-Ýalňyşýan bolaýma-hou, Derwüş druk?! Hä?!
Derwüşiň sapfir görejindäki kinaýa hasam köpeldi. Özem ol birdenkä, onuň owasynda kindiwanja, şadyýanja uçgunjyklara pytrady-da, çar ýana seçilip gitdi.
Adamyň mahsuslygy – üstüne uçgun syçrasa, ol ilki bilen gözüni ýumýar. Bärdäkäm şeýtdi. Onýança-da ol Derwüşiň garrylara kybapdaş, tüňçe gaýnaýan deý “şyg-şyglap” pessaýja gülýändigini eşitdi.
Ol gözüni açdy-da: “Nämä gülýäň-aý? Nä, bärde saňa muzdsuz bökejeňläp ýören masgarawaz bamy?” diýesi gelip, dili gijäp gitdi.
Emma, diýmedi. Oňa derek:

-Düşünmedim?-diýip, gaşyny germek bilen çäklendi.
-Nämä?
-Ýaňka.
-Haýsyna?
-Gülkiňe.
-Güldümmi?
“Ýok! Agladyň! Ýamanammyr tükenen içýakgyjyň biri keniň-aý!” diýip, bärdäki aňyrdaka jabjynjak boldy.
Jabjynmady.
Dymdy-da, ýüzüni terse sowaýdy.
Hamana: “Paşşol-aý! Bolluň meň başyma! “Menwir Derwüž!”. Seň ýaly “menwir …üžleri” Teke bazaryna barsaň, bedresin-ä bäş manatdan, dessesinem segsen teňňeden ýalbaryp satýalar…” diýýän mysaly.
Onýança-da ýeňsesinden başga ses geldi:
-Ondan gaty görme!
Ol ýalta yzyna bakdy.
Başy selleli, egni hyrkaly, aksakgal, pirsypat goja.
Oň sypatynyň çöwre ýüzi ýaly bolubam, ýanynda başyny ökünçli sallap, Derwüş dur.
“Dana bilen Derwüş” diýen çaklama oň aňyndan ýeke demde zymdyrylyp geçip gitdi.
“Ýobty-y-ý!” diýip ol, içinden saçyny penjeledi: “Agşam oglanlar bilen näme içdikkär-aý? Ýönejewir aragyň, wiskiň ýa piwäň iş-ä dä, bujagaz-bujagaz oýunlar! Gör-ä muň eden bolan bolaýýşjygyny! Kelläň bir ýerlerinden bir zatlary dartyp ýokarylygyna çykaraga-da, konrast beren bolşuny görýäňmi? Dana bilen Derwüş. “Dana görse derwüş gaçar, daşa degse çalgy uçar” diýilýämidi bir goşgujykda? Bü ümürläp duran beýniden, indi nämä garaşmaly? Melgun bilen Perişdämi? Ýa-da…”.
-Seň şü häsiýetiň-ä, ýaman atduşi-laý, bro?!-diýen garagoldan, keýpihon ses, oňa pikirini ahyrlamaga mümkinçilik bermedi:-Eýlekileňki ýaly, diýmäýin diýsemiň gopdygaýmaklary: “şewtan azzyrry” diýip, hemme günäni iliň üstüne atmyýaň-da, poha batsaňam sewäwini ilki özüňden gözleýäň! O “eýlekiler” diýýänlem bolsa, bahanasyzja ýerden, bir pahyr bennäň üstüne gypynçsyz şyltak atyp, etmedik işini mydam şoň üssüne ýüklejek bolup ýatyrlar.
Ol oslagsyzlykdan ýaňa adaja ziňkildäp gitdi-de, aýna garşy gözüni göterdi.
Jyrk sarydan çypar saçy, ýörite fiksator bilen syh-syh, dim-

dik edip daralyp, doňdurylan, lowurdap duran, göm-gök kostýum-jalbarly, gyrmyzy galstukly, aýagy ýaldyrawuk, çüriburun köwüşli, görmegeý ýigit, oňa şadyýanlyk bilen garaýar. Ol şeýlebir göze gelimlidi welin, eger-walla: “Wa-a-h, şü şumat gyz bolaýsady!” diýip, nädip ahmyry-arman çekenini ýolagçyň özem duýman galdy.
Özem, onuň ýanynda lam-jim bolup duran Derwüşiň gözi sapfir, hyrkaly Danaň gözi, nähilidir birhili goýazy durnuklylyk bilen şöhlelenýän, içi çintik-çintik älemgoşar meneklerinden doly, agymtyl nurly, opal bolsa, bu bezzat, bezemen, begzada sypat ýigdiň gözleri – zulmat tününiň ýalynly enwerinden eredilip guýlana meňzeýän, hüýt-gara turmalindi…
-Heh! Sen-ä bro, şahyrlaram tozana garjak-laý! “Zulmat tününiň ýalynly enweri”, “Tümlügiň şuglaly nury”…Nähili şahyrana, ajap jümle! Hä, bro?! Neneň görýäň? Şahyr bolasyň gelmiýän bo:p ýatyrmy, ýa şumat?!-diýip begzada ýigit, kinaýaly ýylgyryp, ýolagça lak atdy.
Bärdäkiň aňk bolmakdan ýaňa demi tutuldy.
Her bir eden hereketi, hut kämilligiň aňrybaş nusgasy deýin özüne gelişýän bu begzada ýigdiň tutuş durky-düýrmegi, onuň Ýeriň ýüzündäki iň gadymy hanedanlyklardanam müňlerçe ýyl ozal başy başlanan, asylzada, hökümdar, hökmürowan, tütjar baý, hiç wagt abraýy-mertebesini ýere degirmän, asyrlaň jümmüşinden geçirmegi başaran, edermen, gaýduwsyz kowumdandygyny aýdyp, ulili bilen bagyryp durdy. Onuň her bir gymyldysyndan, her bir sözünden: “Dünýäň Eýesi MEN-N-N! MEN-N-N!” diýip, her kesi baş egip, dyz epmäge mejbur etjek hökmürowanlyk syzylyp çykýan ýalydy…
Ýolagçy nämedir bir zat diýmekçi bolanda, özüniň bogazynyň bir demde gurap, tüýdüge dönendigini syzdy. Ol pessaýja “ähem-ühüm” edip, gapdalyndakylara bildirmän, bokurdagyny arçady:
-S…s…,-diýip ol, ilki, bu, gözlerinde tüm-garaňky nur şuglalanýan jalaýa: “sen, bro” diýjek boldy. Emma muňa oýun edib-ä däl, çynyň bilenem: “sen” diýip ýüzlenmäge het eder ýaly däldi.
Diňe hormat-sylag. Diňe sadyklyk. Ilgeziklik. Mylakatly edeplilik…
Şoň üçinem ol, ilki agzyna gelen sözi sakawlap, yzyna ýuwutdy. Äňine ýelmeşen diline zordan erk edip, özüni ünsli ýaňsy bilen synlaýan jalaýa, mümkin boldugyndan edepli gep gatdy:
-Bag…yşlaň, siz…kim?

-Bagyşladym,-diýip jalaý, oňa ägirt uly serpaý ýapýan dek, elini salgady-da, ernininiň çetini göwnüýetmezçilikli gyşardyp durmasyny jinnek ýalam üýtgetmän, ýene-de dymdy.
Onuň bolşy, ýolagçyny hasam aljyratdy. Ol oňa indi näme diýjegini bilmän, beýnisi içre başagaý bolup, töweregiden bihabar kösenip durka-da, täze, dogumlylykdan ýaňa, pessejigem bolsa zarňyldap duran ses geldi:
-Bes ed-eý, eşýäňmi?! Senem jigi, beýdip, sümügiňi diliňe çolap durmasan-a-how, muň ýalyň ýannawyr! Arkaňda özlemmiz du:kak, bi kişmiş, kimmiş-aýt?!
Nämüçin beýle bolandygyny özem aňşyrmazdan, ýolagçyň birhili göwrümi giňäp gitdi. Ol nazaryny galdyranda, ýaňky jalaýyň ýanynda, egni rokerleňki ýaly, ýeňleri ýel berlen dek lopbuk, daýaw, ýüzi daşdan çapylan deý dörtburç eňekli pyýadaň durandygyny gördi. Gözlerem adaty. Edil adamlaňky kibi, garamtyl-goňur göreçler. Iküç gün bäri sakgal-murtuny almandygam görnüp dur. Ýöne, şo oňa gelişýärem. Onuň tutuş sypatyndan syzylyp çykýana meňzeýän, nähilidir birhili rahatlandyryjy asudalykdyr, penakärlik duýgusam, çar-töweregi öz gujagyna gysyp, aýnaň içiniňem, ondan aňyrda akyp barýan keýpbaz şäheriňem, adamdan doly awtobusyňam ähli gaýgy-aladasyny, umytsyzlygyny, biçäreligini…ýuwup-ýylmap, öz deminde eredip, ýom-ýok edip barýan ýalydy…
-Pena, muň ady!-diýip, rokersypat pyýada, çepinde müzzeren jalaýyň ýeňsesine kakyp goýberdi. Edil uly agasynyň, bezzat jigisine, mümkin boldugyndan hiç ýerini agyrtman, guwançly, ýöne talapkär temmi berişi ýaly.
Hamana: “Hakyllyja bolguň-eý, bolýamy? Bumad-a, me saňa biraççyk şekerlije şapbabjyk! Eger-de şonna-da düzelmän, öňkiň ýaly woljak wolsaň, onna, öýe wardygymyz, öýde kakam bilen ejeme aýdyldygyň wiläýgiň, eşýäňmi?” diýýän dek.
Özüniň bu pikirine ýolagçy ýigit, nädip ýylgyranyny, özem duýmady. Göýä, oň pikirini okan dek, rokerem gözlerini çaşardyp, oň ýylgyryşyna ýylgyryş bilen jogap berýändigini görkezmekden ötri, bir gözün-ä güldürdi. Beýleki gözünem gyýtardyp, henizem müzzermesini bes etmeýän, jalaýa ýarym oýun, ýarym igenç bilen alaryldy.
-A siz kim onna, agam?!-diýip, rokeri hossar tutunan ýolagçy, pertje oýlandy.
-Perişže,-diýip roker, adaty bir zady aýdýan dek, göwnübir seslendi.

-A ganatyň?-diýip, bärdäki geň galdy.
-Nämäň ganaty?-diýip, aňyrdakyň onuňkydan beter haýrany hekgerdi.
-“Perişdeler ganatly bolýa” diýip eşidýädik weli…
-Hi-hi-hi…
Jalaý hikirdäp gülmäge başlandanam, ýeňsesine mähirli şapbadyň biri degdi.
Şarp!
-Şü war-a, men saňa war-a, “köpçülikde şüň ýaly nejisje gükkiňi dägy-düwära edäýmegiň” diýip, näçe käkeledim, hä?! Şü war-a, sen war-a, wäpçe edep öwrenmäň geçjiň war-a, bilýäňmi şony?! Masgara edýäň-ou, bizi war-a, hakyýt masgara edýäň-dä! Pahanam diýdi: “özgeleň ýanna hikirdäýmegiň, ýamanammyr nejis, boggusyz görünýä şonyň” diýip,-diýdi-de, roker jalaýa ýagşyja käýýedi. Soňam ýene ýolagça bakdy:
-Körpe, sen war-a, ýaňňyş düşünme welin war-a, o diýýäniňden birçak owa göçji. Ine şoň şeýledigine bü ikisem şaýat,-diýip, sabyrlylyk bilen bärdäkä düşündirmäge başlan daýaw, gapdalynda henizem seslerini çykarman duran Derwüş bilen Dana baş atdy. (Olaň ikisem, daýawdan çekinişleri jalaýdan peslär ýaly däl bolara çemeli, oň aýdanyny bejit tassyklamaga howlugyp, kelle silkişip, boýunlaryny üzäýjek boldular.) Soňam daýaw üstüne goşdy:-Düşýäňmi şuňa?!
Ýolagçy ilk-ä, “Gawun gawundan reňk alar” diýlişi ýaly, Derwüşdir Danaň bolşuna eýerip, baş atmaga gyssandy. Soňam özüniň hiç zada düşünmändigine akyl ýetirdi. Başyny ýaýkady.
Daýaw uludan demini aldy. Ilki: “Ýeri, inni muňa näme diýjeg-aý? Nädip düşündirjek şüňe? Ýönekeýje zady şüň ýalak hetjikläňsoňam düşünmese nätjek, ölermiň-ýitermiň?” diýýän dek, Derwüşdir Dana äňetdi.
Hamana: “Ýa, siz düşündirmäge synanyp görjekmi?” diýip, olardan haraý isleýän ýaly.
Olaryň: “Ýo, ýo, halypa! Seň aýdyp aňyna ýetip bilmedik zadyňy, biz nädip düşündirel-aý?!” diýen manyda, ýüzlerini gizleýändiklerini görübem, ol, eýýäm hemmeje zady ýorup oturana çalymdaş, eginlerini iki ýana gerip, ýazylyp-ýaýrap, gözüň alnynda hälki azmly-bezemen sypatyna girip barýan jalaýa garady.
“Aýd-ow, bol! Ýöne emenip ýykaýdyň, halys!” diýýän äheňde, nägilelik bilen oňa baş atdy.
-Bro,-diýip jalaý, kükregini howadan doldurdy-da, nutuga

başlady…
-Gysgarak,-diýip roker, oň al-petinden aldy.
Jalaý ýene-de biraz müzzerdi. Bar keýpi uçdumy nämemi, indi hiç zat gepläsi gelmeýändigi mese-mälim keşpde, diňe daýawdan çekinýändigi sebäpli nämedir bir zatlar myňňyldap goýbermekçi boldy…
…Şol müddetem awtobus ýolagçy ýigdiň düşmeli duralgasynda togtady.
Ol beýleki ýolagçylar bilen bilelikde hümer bolup, düşdi.
Sudurlaram galdy.
Alagaraňkylygyň emele getiren ahramy aýnasynyň içinde…
Daş-töweregi aýnalanan gaýygyň deňesinden endigan akyp geçýän, ýarym serhoş, meýlisbaz, jadyly derýa-şäherem, dem salymda özgerip, adaty bir köçelerdir jaýlardan dokalan ýere öwrüldi…
Hekaýalar